***Ýakynda Mary şäheriniň rus dilini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 21-nji çagalar bakja-bagymyzda «Mekdebe çenli çagalar edaralarynda tomus möwsüminde göwnaçmalary guramakda elektron serişdeleriň ähmiýeti» diýen temada usuly-amaly maslahat geçirildi. Usuly, pedagogik ugurly bu çäre Mary welaýat Baş bilim müdirligi tarapyndan guralyp, oňa gatnaşmak üçin müdirligiň hünärmenleri, öňdebaryjy bilim işgärleri, terbiýeçi-usulyýetçiler, şepagat uýalary, terbiýeçiler, aýdym-saz ýolbaşçylary, daşary ýurt dili mugallymlary gatnaşdylar.***

Usuly-amaly maslahatyň gün tertibine laýyklykda, tomus sagaldyş möwsüminiň guramaçylykly alnyp barylmagynda, gün tertibiniň berjaý edilmeginde, körpeleriň şadyýan we sagdyn ösdürilmeginde ähmiýetli bolan usullara degişli çykyşlar diňlendi. Hünärmenleriň beren maslahatlary, möwsümiň barşyndaky gyzyklanma çärelerde sanlylaşdyrylan serişdelerden peýdalanmagyň täsirliligi, degişli gözükdirijilerden, usuly gollanmalardan ýerlikli peýdalanmak baradaky görkezme serişdeleri täsirli boldy.



Ýeri gelende bellesek, biziň bilim işgärlerimiz Amangözel Seýtekowanyň, Güljan Tirkişowanyň guran gyzyklanma çäreleri, Oguljeren Annagulyýewa, Läle Kakabaýewa, Jennet Baýramowa, Güljeren Hommadowa ýaly terbiýeçileriň aýdym-saz mugallymy

Все права защищены

Gülbahar Çerkezowa bilen bilelikde taýýarlan göwnaçma çäreleri usuly maslahatda öwrenilenleri, amaly taýdan berkitmekde netijeli boldy. «Haýwanat bagyna gezelenç», «Çaga olimpiýa oýunlary», «Saýrak jüýjeler», «Erteki gahrymanlary sanly ulgamda myhmançylykda», «Awaza syýahat», «Путешествие в транспорта», «Körpeje gurluşykçylar» atly gyzyklanma we göwnaçma çäreleri çagalaryň sagdyn dynç alyşyny, ruhubelent pursatlaryny açyp görkezdi. Şeýle-de bu ýerde taplama çäreleriniň ýerine ýetirilişine syn edildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda bilim-terbiýeçilik işleriniň kämilleşdirilmegi, ösüp gelýän körpe nesilleriň sagdyn-durmuş ýörelgelerinde kemala getirilmegi ugrunda şeýle uly mümkinçilikleri döredip berýän Milli Liderimize hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza egsilmez alkyşlar aýdýarys!

**Tawus ANNAMÄMMEDOWA,**
**Mary şäheriniň rus dilini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 21-nji çagalar bakja-bagynyň müdiri.**

Все права защищены
save pdf date >>> 25.01.2026